# Aglaýan çaganyñ sesin eşitsem…

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Aglaýan çaganyñ sesin eşitsem… AGLAÝAN ÇAGANYÑ SESIN EŞITSEM…

Aglaýan çaganyñ sesin eşitsem, –
Eýýäm bitin däl-de, döwükdirin men.
Oka dogry barýan, owlagny gorap,
Gözleri aýyply keýikdirin men.

Aglaýan çaganyñ sesin eşitsem, –
Çekijiñ gaçyran syrçasydyryn.
Özi süýşüp baryp lukmasy bolýan, –
Ýylanyñ «okaýan» serçesidirin…

Aglaýan çaganyñ sesin eşitsem, –
Tä diñýänçä ähli zatlar artykmaç.
Diñmese – taýynlañ köz bilen duzy, –
Dilnen ýüregimden bişiriñ kakmaç…

Aglaýan çaganyñ sesin eşitsem, –
Gaçgak bolan çagym gitmerin uzak:
Meni tutmak kyn däl, çaga aglasa, –
Bu hudaýtarapyn gurulan duzak…

Gurbanýaz DAŞGYNOW. Goşgular